От Народа Японии



# NETIJELI GEPLEŞMEGIŇ KADALARY

Iş berijiler işe kabul edenlerinde dalaşgärlerden öz pikirni anyk düşündirip bilýän we beýleki adamlar bilen ylalaşykly aragatnaşyk saklap bilýän adamlary gözleýärler. Iş berijiler öz işgärleriniň gowy ýazuw we gepleşik ukyplarynyň bolmagyny isleýärler. Siz müşderileriň soraglaryna we meselelerine düşünip we iş berijiniň görkezmelerini diňläp bilmelisiňiz. Netijeli aragatnaşykda siz diňe öz habaryňyzy göni we aýdyň aýtman, eýsem öz söhbetdeşiňizi hem ünsli diňlemegi başarmarmalysyňyz.

Ylalaşykly gürleşip bilmek durmuşymyzyň aýrylmaz bölegi bolup durmuşda ýüze çykýan jedelli meseleleri çözmek üçin hem örän möhüm bolup durýar. Käbir halatlarda, bu gapma-garşylyklar adamlaryň arasyndaky tapawutly pikirler sebäpli ýa-da olaryň gepleşik ukyplarynyň ýeterlik derejede bolmanlygy sebäpli ýüze çykyp bilýär. Jedellerden we gapma-garşylyklardan gutulyp bolmaýar, esasanda munuň ýaly ýagdaýlar adamyň ýaşlyk döwründe ýagny fiziki, psihologiki we duýgy özgerişleriň has ýiti ýüze çykýan döwründe köp duş gelýär.

<u>Eger-de Siz düşünişmegiň 8 sany wajyp düzgünlerini özleşdirseňiz söhbetdeşiňiz bilen ýakymly we ynamly gürrüňdeşligi gurap bilersiňiz.</u>

## Gowy diňleýji boluň

1. Diňlemegi başaryň. Bu köplenç owadan gürlemegi başarmakdan gymmatly bolýar. Ilki bilen söhbetdeşiňize pikirini aýtmaga mümkinçilik beriň. Soňra eşidenleriňizi hasaba almak bilen özüňiz gürläň. Adamlaryň özleri diňlenilenden soň diňlemäge ýykgyn edýändigini ýatda saklaň! Gürlemegi başarýan däl-de diňlemegi başarýan söhbetdeş gowy söhbetdeşdir.
   Haçanda biz 15 minutdan köp diňlänimizde intelektual taýdan ýadaýas, beýnimiz maglumatlary ünsli kabul etmekligini bes edýär. Şonuň üçin söhbetdeşiňiziň sözlerini üstünlikli kabul etmek üçin islendik söhbetdeşlikde möhüm pursatlary bellik etmek wajypdyr.

**Aragatnaşygy guraň**

2. Netijeli söhbetdeşlik üçin söhbetdeşleriň arasynda gowy gatnaşygyň ýola goýulmalydygyny ýatdan çykarmaly däldiris. Netijeli söhbetdeşlik usuly gürrüňdeşligi guranyňyzda ony söhbetdeşiňiziň gözüne seredip, hereketleriňiz bilen oňa bolan gyzyklanmaňyzy duýduryp, rahat, hoşniýetli äheňde geçirmegi ündeýär.

   Biz hemişe biri-birimiz bilen gatnaşykda bolýas. Hatda gürlemeýän pursatymyz hem ýüz-gözüň hereketi, el hereketi arkaly biz düşünişip bilýäris. Gürleşen pursatymyzda sözler söhbetiň bary-ýogy 7%-ni tutýar. Söhbetiň galan bölegini aňsatlyk bilen göze ilýän wizual usullar düzýär.

**Gürrüňdeşlikde ynanyşmagy we açyklygy döretmäge çalyşyň**

3. Dogruçyllyk ýörelgelerinde guralan gürrüňdeşlikde birek-birege bolan ynanyşmak – şowly gatnaşyklaryň özenidir. Gürrüňdeşlikde söhbetdeşiňiziň adyny tutmak ynam we gyzyklanma döretmäge ýardam edýän bir usuldyr. Haçan-da gürrüňdeşlikde adamyň ady tutulanda ony söhbetdeşine ýakynlaşdyrýan ynanyşmak ýaly ýakymly duýgularyň döremegine sebäp bolýar. Adamlaryň arasyndaky ynanyşmak näçe az bolsa gatnaşyk hem şonça-da pes derejede bolar.

**Sesiňize we onuň äheňine üns beriň**

4. Adamlaryň köp bölegi özlerine buýruk berilmegini, borçlarynyň ýatladylmagyny, ýa-da buýruk beriji, öwrediji, öwüt beriji äheňde gürleşilmegini halamaýarlar. Şeýle äheňde gürlemek bilen gürrüňdeşiňizi baglylyk ýaly oňaýsyz ýagdaýa salýaňyz. Şeýle bolanda garşylyk görkezilmegi, gyzmalyk edilmegi ýa-da şolar ýaly äheňde jogap berilmegi ikuçsyzdyr.
   Özüňizi beýik tutmaň, ýumşak, parahat we ynamly gürläň. «Buýrugyň» gowy görnüşi – haýyş etmek, maslahatlaşmak, teklip etmek ýa-da soramak.

**Tankytdan gaça duruň we öwiň**

5. Adamlar hakynda diňe gowy pikirde boluň we olara ynanyň. Söhbetdeşiňizi ünsli synlanyňyzda hökmany suratda ondaky gowulygy görüp bilersiňiz. Hoşamaý sözleri aýtmakdan çekinmäň we olary ak ýürekden aýdyň. Bu adamyň ruhuny götermegiň iň gowy usulydyr we şowly gürrüňdeşligiň başlangyjydyr.

**Dawalaşmaň we jedelleşmäň**

6. Bu dymmaklygy ýa-da boýun bolmaklygy aňlatmaýar. Dawalaşmakdan beýik boluň. Hatda ýiti gürrüňdeşlikde hem «Siziň diýýäniňiz ýalňyş» ýa-da «Bu Siziň günäňiz» ýaly sözleri diýmekden saklanyň we sesiňizi beýgeltmäň.

   Siziň synanşyklaryňyza garamazdan dawa döräýen ýagdaýynda bildirilýän

nägilelikleri inkär etmäň we özüňizi aklamaň. Bu hereketler garşydaşyňyza öz nägileliginiň dogrulygyny subut etmäge itergi berer.

Gowusy üstünlik, artykmaçlyk berýän pursatlary bellemek bilen «Howa, Siz mamla (niredeligini bellemek bilen), şuny bellemek isleýän (öz pikiriňizi aýdyň), bu ýalňyşlygy nädip gözden saldymkam (öz ýalňyşlygyňyzy boýun alyň)» ýaly sözler bilen dowam ediň.

## Soraglary beriň

7. Söhbetdeşiňize sorag beren pursadyňyzda tema bilen gyzyklanýandygyňyzy, oňa düşünmek isleýändigiňizi bildirmek bilen çäklenmän, eýsem siziň nukdaýnazaryňyzy kabul etmeklige, meselä başga taraplaýyn çemeleşmeklige itergi berersiňiz. Söhbetdeşligiň barşy dogry saýlanyp alnan soraglara bagly bolýar. Diňe bir alnan maglumatlaryň esasynda söhbetdeşligiň netijesine baha bermeli däl.

## Ýylgyryň

8. Akýürekden ýylgyrýan adama seredip gazaply adamlar hem parahat görnüşe geçýärler. Ýylgyran pursadyňda hyrsyz kişiniňem ýüzünde ýylgyryşa meňzeş alamatlar peýda bolar. Ýylgyrmak we degişgenlik ýaly gurallara eýe bolanyňyzda işberijiler we dürli müşderiler bilen dil tapyşmak aňsat düşer. Akýürekden we hoşniýetli ýylgyrmak Sizi hasam mähirli görkezer.

Elbetde netijeli gürrüňdeşlik üçin sanalyp geçilen düzgünler gutarnykly däl-de başlangyç ädimlerdir. Ýöne hut şu düzgünler diňe bir işde däl-de eýsem gündelik durmuşymyzda hem netijeli gürrüňdeşlik üçin şert döredýärler.

Size şu sapaklaryň peýdaly bolanlygy we maslahatlary ulanan ýeriňiz barada habar bermegiňize garaşýarys. Sapaklar bilen tanyşanyňyzdan soň öz ýaşyňyzy we jynsyňyzy, size gyzykly bolan temalary görkezmek bilen şeýle hem soraglaryňyzy we teklipleriňizi bilen undpyouthproject@gmail.com elektron salga hat ýollamagyňyzy haýyş edýäris. Hödürlenen her bir teklip ünsli seljeriler we taýýarlanan sapaklar ýakyn wagtda saýtda ýerleşdiriler.

Bu sapaklar Ýaponiýanyň Hökümeti tarapyndan maliýeleşdirilýän, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi hem-de Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy bilen hyzmatdaşlykda alnyp barylýan BMG-nyň ÖM-nyň Ýaşlar taslamasynyň çäklerinde işlenilip düzüldi.